**Türkmenistanyň Merkezi bankynyň başlygynyň 2026-njy ýylyň 23-nji ýanwaryndaky 25-iş belgili buýrugy bilen tassyklanyldy**

**Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2026-njy ýylyň 5-nji martynda 1932 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alyndy**

# Türkmenistanyň Merkezi bankynyň başlygynyň 2021-nji ýylyň 8-nji iýunynda çykaran 181-iş belgili buýrugy bilen tassyklanan, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar gaznasy tarapyndan fiziki we ýuridik şahslara depozit öýjükleri (seýfleri) ulanmaklyga bermekligiň Düzgünlerine üýtgetmeler girizmek hakynda

2011-nji ýylyň 25-nji martynda kabul edilen “Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna hem-de “Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar baradaky komitetiniň meseleleri hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 29-njy ýanwarynda çykaran 2090-njy karary bilen tassyklanan, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar gaznasy hakynda Düzgünnama laýyklykda, **buýurýaryn:**

1. Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2021-nji ýylyň 3-nji iýulynda 1487 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, “Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar gaznasy tarapyndan fiziki we ýuridik şahslara depozit öýjükleri (seýfleri) ulanmaklyga bermekligiň Düzgünlerini tassyklamak hakynda” Türkmenistanyň Merkezi bankynyň başlygynyň 2021-nji ýylyň 8-nji iýunynda çykaran 181-iş belgili buýrugy bilen tassyklanan, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar gaznasy tarapyndan fiziki we ýuridik şahslara depozit öýjükleri (seýfleri) ulanmaklyga bermekligiň Düzgünlerinde:

1) üçünji bölegini şu görnüşde beýan etmeli:

“3. Depozit öýjükleri ulanmaklyga bermeklik Gazna bilen Müşderiniň arasynda şertnama (mundan beýläk - Şertnama) baglaşmak arkaly ýerine ýetirilýär. Şertnamany baglaşmak şu Düzgünlere laýyklykda amala aşyrylýar we şertnamanyň taraplarynyň hukuklary, borçlary, jogapkärçiligi hem-de hereket ediş möhleti şol şertnamada görkezilýär.”;

2) bäşinji bölegini şu görnüşde beýan etmeli:

“5. Şertnama her biriniň deň hukuk güýji bolan iki asyl nusgada taýýarlanylýar hem-de oňa Gaznanyň ýolbaşçysy we Müşderi (eger-de Müşderi ýuridik şahs bolan-da onuň ýolbaşçysy) tarapyndan gol çekilýär.

Nusgalaryň biri Gaznada biri bolsa Müşderide saklanylýar.”;

3) ýedinji böleginiň ikinji tesiminde “Döwlet emläginiň kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamalaryny bellige almagyň Tertibine laýyklykda” diýen sözleri aýyrmaly;

4) sekizinji böleginiň birinji tesiminde, dokuzynjy, onunjy, on birinji we on ýedinji böleklerinde “şahsy belgili açarynyň we”, “şahsy belgili açary we”, “şahsy belgili açar we” hem-de “şahsy belgili açaryny we”, diýen sözlerden soň “(ýa-da)” diýen sözi goşmaly;

5) on dokuzynjy bölegini şu görnüşde beýan etmeli:

“19. Depozit öýjükleri (seýfleri) Müşderilere ulanmaklyga bermek boýunça kärende tölegi Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň kadalaryna laýyklykda amala aşyrylýar.”.

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Başlygynyň orunbasary we Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar gaznasynyň başlygy gözegçilik etmeli.